Syýahat

Talap edilýän resminamalar

1. Arza **e-applicationvisa.esteri.it** online sahypada iňlis ýa-da italýan dillerinde doldurylmaly we kagyz ýüzünde çap edilmeli.
2. Iki sany surat – 3.5 x 4.5 sm. Giňişleýin tanyşmak üçin: https://www.icao.int/sites/default/files/FAL/Annex_A-Photograph_Guidelines.pdf
3. Passport (asyl we nusga)
4. Soňky üç ýylyň içinde alnan Şengen wizalaryň nusgasy (bar bolan ýagdaýynda)
5. Saglyk ätiýaçlandyryşy (asyl we nusga)
6. Awia petegi (asyl we nusga)
7. Bank hasaby barada KEPILNAMA
8. **Işgärler**: Iş ýerinden 1. - Güwähat (işe duran senesi, wezipesi we aýlyk haky), 2. – tölegli rugsada çykýanlygy barada hat (hem-de iňlis diline terjimesi)(güwahatda iş berijiniň telefon belgileri we adresi görkezilen bolmaly)
9. **Telekeçiler** – patentiň nusgasy (hem-de iňlis diline terjimesi)
10. **Okuwçylar we talyplar** – okuw ýerinden Guwänama (hem-de iňlis diline terjimesi)
11. **Pensioner** - pensiýa kitapçanyň nusgasy

Wiza üçin arzalar gidilýän seneden azyndan 15 gün öňünden tabşyrylmaly

Bellik:

- Ähli resminamalar italýan ya-da iňlis dillerinde terjimeleri bilen tabşyrylmaly;
- Resminamalary goşmaça bahalandyrmaklyk zerurlygy ýüze çykan halatynda Wiza ofisi tarapyndan goşmaça resminalar soralyp biliner;
- Tabşyrylan resminamalar wizanyň çykmaklygynyň **kepili** däldir;